# «Çagam diýdi eljagazyn uzadyp…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Çagam diýdi eljagazyn uzadyp…" «ÇAGAM DIÝDI ELJAGAZYN UZADYP…»

Çagam diýdi eljagazyn uzadyp:
– Asman ýyldyzyndan üzüp bersene.
Diýdi ýene bir täsinje söz edip:
– Boýunjygma düzüp-düzüp bersene.
Diýdim men: – Ýyldyzlar sadaba meñzeş,
Ol bolsa Baltika şöhle saçyp dur,
Neneñsi üzeýin asman sadabyn,
Ol şäherden ol şähere göçüp ýör.

Lowurdañ ýyldyzlar, patrañ ýyldyzlar,
Size bakyp, arzuwlara bataýyn.
Bardy-geldi bu jahandan gitsem-de
Dynçlyk diýip, güneş diýip öteýin.
Sen bolsañ, çagajyk, göwün ýüwürdip.
Yzymyzdan assa basyp geliber.
Aglamagyñ islemerin, bilip goý,
Şadyýana jykyr-jykyr gülüber!

Dumly-duşda doganlarña guwan sen
Bes etmesin ganatlaryn uçmasyn!
Göreşeliñ: goý ýaraglar göçmesin,
Hemem asman ýyldyzlary öçmesin!

Mariýa MASIÝAUSKENE,
Litwa.

Rusçadan terjime eden: Saparmyrat ÖWEZBERDIÝEW. Goşgular